| Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2018-nji ýylyň 10-njy aprelinde 1130 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2018-nji ýylyň 20-nji martynda çykaran 119-Ö belgili buýrugy bilen tassyklandy |
|---|---|

**Harytlary we maddy gymmatlyklary almak üçin ynanç hatyny bermegiň we ynanç haty esasynda olary goýbermegiň tertibi hakynda gözükdiriji**

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Harytlary we maddy gymmatlyklary almak üçin ynanç hatyny bermegiň we ynanç haty esasynda olary goýbermegiň tertibi hakynda gözükdiriji (mundan beýläk-Gözükdiriji) 2010-njy ýylyň 27-nji noýabrynda kabul edilen „Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda“ Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de harytlary we maddy gymmatlyklary almak üçin ynanç hatynyň berilmeginiň we ynanç haty esasynda olaryň goýberilmeginiň tertibini kesgitleýär.

2. Gözükdiriji karz edaralaryndan başga ykdysady subýektler (mundan beýläk – subýektler) tarapyndan ulanylýar.

3. Harytlary we maddy gymmatlyklary almak üçin ynanç haty (mundan beýläk – ynanç haty) buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamyndaky ilkinji hasaba alyş resminamasy bolup durýar.

## II. YNANÇ HATYNY BERMEK

4. Subýektler tarapyndan ynanç haty üpjün edijilerden harytlary we maddy gymmatlyklary (mundan beýläk – gymmatlyklar) bellenen tertipde almak üçin diňe işgärlerine berilýär. Şol subýektleriň işgäri bolmadyk şahslara ynanç haty bermeklige ýol berilmeýär.

5. Ynanç hatynda maglumatlar anyk görkezilmelidir. Maglumatlary doldurman ýa-da bölekleýin dolduryp bermeklige ýol berilmeýär. Ynanç hatyna ony alan işgäriň goluny tassyklap, degişlilikde subýektiň birinji we ikinji gol çekmäge hukugy bolan wezipeli adamsy tarapyndan gol çekilýär hem-de subýektiň möhüri basylýar.

6. Ynanç hatynda ilkinji resminamlarda (şertnama we ş.m.) göz öňünde tutulan gymmatlyklaryň sanawy görkezilmän, resminamanyň ady, belgisi, senesi we alynýan gymmatlyklaryň umumy möçberi görkezilip bilner.

7. Berilýän ynanç haty Berlen ynanç hatlaryň bellige alyş kitabynda (mundan beýläk - bellige alyş kitaby, şu Gözükdirijä goşundy) bellige alynmalydyr. Bu bellige alyş kitabyň sahypalary belgilenen, ýüplenen hem-de soňky sahypasynda “Şu bellige alyş kitabynda ... sahypa belgilendi” diýen ýazgy ýazylyp, ýolbaşçynyň goly we subýektiň möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr. Şunda sahypalaryň sany ýazmaça görkezilýär.

8. Bellige alyş kitaby ynanç hatlaryny dolduryan we bellige alýan buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşyna görä degişli şahsda (buhgalter, buhgalterçilik hasaba alnyşy bölüminiň işgäri) saklanylýar.

9. Ynanç hatynyň möhleti, gymmatlyklaryň degişli ilkinji resminamalary (şertnama we ş.m.) esasynda alynmagy we ammardan çykarylmagy göz öňünde tutulýan wagtyna laýyklykda bellenýär, emma 30 senenama gününden uzak bolmaly däldir.

10. Ynanç haty berlen işgär gymmatlyklary bellenen tertipde üpjün edijiden alyp, olary subýektiň ammaryna ýa-da maddy jogapkär adama tabşyrýar. Bu barada degişli resminama düzülip, iki iş gününden gijä galman ynanç haty berlen işgär tarapyndan subýekte berilmäge degişlidir. Resminamanyň esasynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşyna görä degişli şahs bellige alyş kitabynda degişli ýazgylary geçirýär.

11. Ynanç haty berlen işgär gymmatlyklary almak hukugyndan mahrum edilen halatynda, subýekt üpjün edijilere şol ynanç hatyny hakyky däl diýip hasap etmek barada hat iberýär. Hat üpjün ediji tarapyndan alynan pursatyndan başlap, onda görkezilen ynanç haty esasynda haryt goýbermek togtadylýar. Şeýle ýagdaýlarda hakyky däl diýip hasap edilen ynanç haty boýunça goýberilen gymmatlyklar boýunça jogapkärçiligi üpjün ediji çekýär.

12. Ulanylmadyk ynanç haty onuň möhleti tamamlanandan soňra bir gün möhletde subýekte gaýtarylyp berilmäge degişlidir. Ynanç haty ýitirilen ýagdaýynda üpjün edijiden şol ynanç haty esasynda gymmatlyklaryň goýberilmändigi barada hat alynmalydyr.

13. Ulanylmadyk ynanç hatynyň gaýtarylandygy ýa-da onuň ýitirilen ýagdaýynda üpjün edijiniň şu gözükdirijiniň on ikinji böleginde görkezilen hatynyň berilendigi barada bellige alyş kitabynda bellik edilýär. Gaýtarylan ynanç hatynda "ulanylmadyk" diýip bellik edilýär we ol bäş ýyllap saklanylýar.

14. Möhleti geçen ynanç haty boýunça hasabat tabşyrmadyk işgäre täze ynanç haty berilmeýär.

## III. YNANÇ HATY ESASYNDA GYMMATLYKLARY GOÝBERMEK

15. Alyjy subýektiň işgärine berlen ynanç haty we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň görkezilmegi üpjün ediji tarapyndan gymmatlyklary goýbermek üçin esas bolup durýar.

16. Möhletine garamazdan ynanç haty gymmatlyklar ilkinji gezek goýberlende üpjün edijide galdyrylýar. Oňa laýyklykda bölekleýin goýberilen gymmatlyklaryň möçberine laýyklykda her gezek tabşyryş-kabul ediş delilnamasy ýa-da beýleki ilkinji hasaba alyş resminamasy iki nusgada düzülýär hem-de bu resminamada ynanç hatynyň belgisi we senesi görkezilýär. Bir nusgasy üpjün edijide galýar, ikinjisi gymmatlyklary alyjy subýekte berilýär. Ynanç hatynda görkezilen gymmatlyklaryň ählisi goýberilenden soňra ol üpjün edijiniň buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barýan hünärmenine tabşyrylýar. Buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barýan hünärmen buhgalterçilik geçirmeleri amala aşyrýar.

17. Aşakdaky ýagdaýlarda üpjün edijiler tarapyndan harytlar goýberilmeýär:

1) alyjy subýekt tarapyndan ynanç hatynda görkezilen maglumatlar nädogry görkezilen ýa-da görkezilmäge degişli maglumatlar görkezilmedik bolsa;

2) ynanç hatynda düzediş girizilen ýa-da ol zaýalanan bolsa;

3) ynanç hatynda görkezilen maglumatlar ynanylan işgäriň şahsyýetini tassyklaýan resminamadaky maglumatlar bilen gabat gelmese;

4) ynanç hatynyň möhleti tamamlanan bolsa;

5) alyjy subýekt tarapyndan ynanç haty hakyky däl diýip hasap edilendigi barada resmi hat iberilen halatynda;

6) alyjy subýekt ýatyrylan ýa-da onuň işi togtadylan ýa-da bes edilen bolsa.

## IV. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

18. Gözükdirijiniň talaplarynyň berjaý edilişine subýektiň ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenen buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşyna görä degişli şahs gözegçilik edýär.

19. Bellige alyş kitabyndaky maglumatlar hasabatlylygyň yzygiderliligini we ygtybarlygyny üpjün etmek maksady bilen, şol bir wagtda elektron görnüşde programma üpjünçiligi arkaly hem ýöredilip bilner.

Harytlary we maddy gymmatlyklary almak
üçin ynanç hatyny bermegiň we ynanç haty
esasynda olary goýbermegiň tertibi
hakynda gözükdirijä goşundy

**Berlen ynanç hatlaryň bellige alyş kitaby**

| Tertip belgisi | Ynanç haty berlen işgäriň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady | Ynanç hatynyň berlen senesi | Ynanç hatynyň möhletiniň gutarýan senesi | Üpjün edijiniň ady | Ilkinji resminamalaryň belgisi, senesi | Ynanç haty berlen işgäriň goly | Ynanç haty boýunça tabşyryklaryň ýerine ýetirilişi barada bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |